# Reptilianlar hakynda…

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Reptilianlar hakynda… REPTILIANLAR HAKYNDA…

Reptilian nesli, ýa-da reptilian topary hakynda komplimasiýaçy Dawid Ikkäniñ meşhur aýdan sözleri bar:»Illuminati: dünýäni agalygynda saklaýan topardyr. Müñlerçe ýyl mundan ozal Ýere gelen süýreniji şekilli adamlaryñ garyşyp-gatyşmagy netijesinde emele gelen bir kowumdyr». Dawid Ikkäniñ aýtmagyna görä Jorj Buş we Iñlis parlamentleriniñ maşgalalarynyñ reptilian gany bilen nesilden-nesile geçip häzirem Dünýäni elinde saklaýandyklaryny belleýär.
Reptilianlara başgaça drako we reptoit diýilýär.
Reptilianizm düşünjesi, UFOlogiýa (UNO) ylmyndan soñ başga planetalylaryñ gözlegleri orta çykanyndan soñ emele gelipdir. Başga saýýaralylar tarapyndan alynyp gidilen adamlaryñ aýdyşlaryça reptilianlar aramyzda bar we şolardan ýygnalan maglumatlar ýuwaş-ýuwaşdan yş berip ugrady.
Maglumatlara görä adamlar gadymy dünýä taryhynda başga planetalylar bilen gatnaşyk açypdyrlar. Munuñ açyk şaýady bolsa gadymy hytaý, grek, rim çeşmelerinde saklanyp galypdyr. Biz bolsak başga saýýaralylary şu wagtky göz bilen real dünýämizde görmek isleýäris. Başga saýýaralylara ilkinji gezek biziñ döwrümizde gabat gelip gatnaşyk açanlaryñ biri hem polşaly Jorj Adamskidir (George Adamski). Başga saýýaralyara gabat gelenleriñ aýtmaklaryna görä olar üç jynsly gumanoid görendiklerini aýdýarlar. Jorj Adamski we Howard Menger dagylara gabat gelen başga saýýaraly adama meñzeýär, saryýazgyz, mawy gözli »Nordik» diýilýän owadan, özüne çekiji we mylaýym, enaýy barlyklar eken.
Ikinji sypat başga saýýaraly bolsa gri diýlip atlandyrylan gumanoidlerdir. Olaryñ 1.50 m boýy bar. Boýunlary gaty hor özem endam-janlary gorkunç keşpdedirler. Grilere ilkinji gezek duş gelen Betty Barneý Hilldir.
Barneý Hill özüne gabat gelen bu başga saýýaralynyñ şekilini

gürrüñdeş geçjeklere galam bilen çyzybam görkezipdir.
Griler 1990-njy ýyllara çenli dünýäde gaty köp adam bilen duşuşupdyrlar.
Üçünji keşpdäki göze görünenler bolsa makalamyzyñ ady bilen baglanyşykly ýarysy süýreniji ýylan, ýarysy adam görnüşli reptilianlardyr.
Reptilian topardaky başga saýýaraly gelmişekler hem öz aralarynda üç-dört topara bölünýärler. Iñ köp görülen keşpdäki sypatlandyrylan reptilianlar iki aýakda ýöreýän, edil zemzem ýaly bedenleri hem ýylanyñ teni ýaly, gözleri hem sarymtyk reñkli ýylanyñka çalym edýär. Reptilianlaryñ adatdan daşary telepatik ukyba eýe bolup gaty köp zady bilýärler. Adamlary öz täsirine alyp telepatik güýji bilen düşünşip bilýärler.
Reptilianlaryñ öz aralarynda synpa bölünýärler. Olaryñ arasynda seýrek gabat gelen görnüşleriñ biri hem »Drakolardyr». Drakolaryñ ak tenli, gyzyl parlaýan gözleri bar. Olar özlerini hemmelerden üstün tutýarlar.
Reptilianlaryñ ýene bir görnüşlileri bolsa ganatly drakolardyr. Olar bolsa 2-3 metr uzynlykda bolup, guýrukly, şahly, ganatlary hem örän uzyndyr. Olar keşplerini üýtgedip islendik wagty islendik ýerde adamlar bilen duşuşyp gürleşip tanyş bolup bilýärler, ýa-da islendik bir haýwan keşbinde bolsun görnüp bilerler. Olar käwagtlar adamlaryñ gözüne shapeshifrer görnüşde gabat gelýärler. Adamlaryñ añyndaky esasy hyýaly kişileriñ keşbinde görünip bilýärler.
Reptilianlar bilen gatnaşyga geçen bir aýalyñ aýtmagyna görä: »Öýde, bir gije oýandym we dünýeden öten adamym garşymda dik durandygyny gördüm.
Adamymyñ ruhy meni görmäge gelendir diýip güman etdimem weli ýañky gözüme adamym bolup görünýän ärim birden başga keşpe, ýagny ýaşyl teññe derilä, ýylan gözlä öwrüldi duruberdi». Şol wakadan soñ gözlegleriñ ugryna çykan dul aýal bu görünen gorkunç jandaryñ reptiliandygyny öwrenýär. Reptilianlar diwarlaryñ içinden geçip bilmek ukybyna hem eýedirler.
Makalamyzyñ soñunda reptilianlaryñ göze görünmeýän ukybynyñ bardygyny, ellerinde hem dört barmaklarynyñ bardygyny aýtmalydyrys. Geň-taňsy wakalar